# Nädeýin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nädeýin NÄDEÝIN

Indi güneş dogmaz öýtdüm
Dogmasa dogmasyn şolam
Bir düşnüksiz aýdym aýtdym,
Her sapar döwlende galam

Täleý däldir elimdäki,
Nädeýin, şum çyksa bijäm
Geçýän günde serimdäki,
Ertekisi müň bir gijäň

Goşawuçlap ynam berdim,
Öwezne zat soramadym
Duýgulara gujak gerdim,
Ýüregimi goramadym

Umydyma büdränimde,
Emedekläp, galyp gitdim
Yşga düşüp gudranymda,
«Keçpelegi» çalyp gitdim

Kalbyn görüp söýýän diýdim,
Galdym yşgyň ýakyşynda
Sensiz günler köýýän diýdim,
Durmuş öňki akyşynda

Şol yşk dämi, gussa bilen
Dostlugmyzy berkeşdiren
Özi ýanman, tüsse beren
Gorjaşdyryp, ýelpeşdiren

…Indem gezip ýörün zordan,
Alman bagtyň ejazasyn
Arzuwlarmy asdym dardan,

Ruhlar gelip jezalasyn

Ylham GURBANALYÝEW.

2022.11 Goşgular